# Buluda ýüzlenmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Buluda ýüzlenmek BULUDA ÝÜZLENMEK

Bulut, näme ýagta bereňok gerim?
Günüň yşygyny gysganýarsyňmy?
Ýa-da ýuwmak üçin dünýäniň kirin,
Al-asmandan ýere gyssanýarsyňmy?

Belki-de, sen bir obanyň çetinde,
Ýaş-juwanlaň duşuşygny bozarsyň.
Belki-de, sen suwa mätäç ekine,
Ösmek üçin ýerde yzgar bolarsyň.

Eý, bulut, sen gara geýip, ýas baglap,
Ölen-ýitenleriň tutýarmyň ýasyn?
Ýa köýen söýginiň agysyn aglap,
Dökýärmiň sen gökden dury gözýaşyň?

Bulut, sende näçe gizlin syrlar bar?
Syryň aç, gel bärik daglardan aşyp!
Suwsuzlara bolarsyň sen tenekar.
Men saňa-da aşyk, güne-de aşyk!

Aman NOBAT. Goşgular